# Moskwadan görýärler

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Moskwadan görýärler MOSKWADAN GÖRÝÄRLER*




***(Baý döwletleriñ töhmetleri)***
Gün dogsa äleme düşýär ýagtysy –
Baý döwletler Moskwadan görýärler;
Ýagtydan paý alsa belendi-pesi –
Paýlanany Moskwadan görýärler.

Zulum edip, milletleri basýarlar,
Urýarlar, sögýärler, dardan asýarlar,
Işçileriñ ýüzläp başyn kesýärler –
Iş taşlansa, Moskwadan görýärler.

Milleti gyrýarlar tüpeñ, top atyp,
Ýetim, ýesir edip, mal ýaly satyp,
Garşylyk görkezse biri baş tutup, –
«Bozgaklygy» Moskwadan görýärler.

Mazlumlar nalasy asmana ýetýär,

Içleri ot alyp, tutaşyp gidýär,
Moskow öz işinde, size näme edýär? –
Mazlum zaryn Moskwadan görýärler.

Ýurtbasarlar gabyrlaryn gazýarlar,
Ýarag bilen millet baryn ezýärler,
Keýpleri üçin milýon jana dözýärler, –
Ýene baryn Moskwadan görýärler.

Azatlyk gününiñ dañy atypdyr,
Aga-baýarlygyñ döwri ötüpdir,
Mazlum iller baý bogazyn tutupdyr, –
Bogulýan Moskwadan görýärler.

Maýadarlar günbe-günden gynanýar,
Möhleti azalýar, janlary ýanýar,
Çabalanýar, çar tarapdan synanýar, –
Jan ajygyn Moskwadan görýärler.

Ýanwar, 1929 ý.

---

*Goşgy gysgaldylyp alyndy.* Goşgular